#123 (145)
среда, 26 апреля 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

2023-nji ýylyň 22-nji aprelinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine geçip, ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa söz berdi. Ol hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň deputatlary bilen geçiren duşuşygynda we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Halk Maslahatynyň düzümine saýlanan wekilleri bilen geçiren mejlisinde öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, döwletimiziň kanunçylyk-hukuk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Häzirki wagtda döwletimiziň we jemgyýetimiziň durmuşynyň dürli ulgamlaryna degişli kanunlaryň, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň birnäçesi işlenip taýýarlanylýar. Ýurdumyzyň Mejlisinde döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda duşuşyklaryň birnäçesi geçirildi.

Halkara guramalar bilen gatnaşyklary ösdürmek bilen baglylykda, türkmen parlamentarileri ÝHHG-niň we BMG-niň ugry boýunça geçirilen duşuşyklaryň birnäçesine gatnaşdylar. Şeýle-de Mejlisiň wekilleri Merkezi Aziýanyň sebitleýin ekologiýa meseleleri boýunça merkezi tarapyndan guralan çärä gatnaşmak üçin Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde gulluk iş saparynda boldular.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow D.Gulmanowa ýüzlenip, ýakynda Gahryman Arkadagymyzyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirendigini we bu mejlisde Milli Liderimiziň beren tabşyryklaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň döwlet edaralarynyň işiniň esaslaryny kesgitleýän kanunçylygy has-da kämilleşdirip, eziz Diýarymyzyň ösüşine mynasyp goşant goşmak boýunça alnyp barylýan işlere işjeň gatnaşmalydygyny, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary bilen özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň netijeli ulgamyny döretmek boýunça işleri dowam etdirmelidigini, olaryň Türkmenistanyň Mejlisi bilen Ministrler Kabinetiniň sazlaşykly işi esasynda alnyp barylmalydygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kabul edilen kanunlardan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny öz wagtynda kabul etmek boýunça degişli işleri geçirmelidiklerini, ýurdumyzda kabul edilen maksatnamalarda bellenen özgertmeleriň hukuk esasyny döretmegiň, pudaklaryň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen täze kanunçylyk namalaryny kabul etmegiň hem-de kanunlary yzygiderli kämilleşdirmegiň Türkmenistanyň Mejlisiniň ilkinji nobatdaky işleriniň biri bolmalydygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz öňde goýlan wezipelerden ugur alyp, Türkmenistanyň Mejlisiniň ýurdumyzyň kanunçylygyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek boýunça zerur işleri geçirmelidigini aýtdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow gözegçilik edýän ulgamlaryndaky işleriň ýagdaýy, "Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda" göz öňünde tutulan wezipeleriň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi. Hususan-da, bank ulgamyny ösdürmek hem-de bu ulgamda işleýän hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça görülýän çäreler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyndan gelip çykýan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz bu ugurda alnyp barylýan işleriň bank ulgamynyň işiniň mundan beýläk-de kämilleşdirilmeginde möhüm ähmiýete eýedigine ünsi çekdi we bu babatda ýerine ýetirilýän işleri dowam etdirmegi wise-premýere tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Begliýew gözegçilik edýän ulgamlarynda alnyp barylýan işler, ilatymyzy ýangyç serişdeleri bilen bökdençsiz üpjün etmek, sarp edijilere bu ugurda döwrebap derejede hyzmat etmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu ugurdaky işleriň netijeliligini artdyrmak hem-de hyzmatlaryň hilini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, degişli çäreler durmuşa geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, alnyp barylýan işleriň döwrüň talaplaryna laýyklykda guralmagynyň, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmagyň wajypdygyny belledi hem-de wise-premýere ilatymyzy ýangyç serişdeleri bilen bökdençsiz üpjün etmek, hyzmatlaryň hilini has-da ýokarlandyrmak babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gözegçilik edýän ulgamlaryndaky işleriň ýagdaýy, hususan-da, Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň hem-de onuň garamagyndaky edara-kärhanalaryň işini has-da kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ministrliginiň garamagyndaky önümçilik kärhanalary tarapyndan öndürilýän önümleriň hil derejesini halkara standartlara we häzirki döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, senagat, gurluşyk önümçiligi babatda öňde durýan wezipeleri ýerine ýetirmek ugrunda degişli işler alnyp barylýar.

Wise-premýer gözegçilik edýän ulgamlarynyň işiniň netijeliligini artdyrmak we olaryň düzümlerini kämilleşdirmek maksady bilen, degişli resminamalara üýtgetmelerdir goşmaçalary girizmegiň meýilleşdirilýändigini habar berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde ýurdumyzda alnyp barylýan giň gerimli gurluşyk işleriniň ähmiýetini belledi hem-de senagat we gurluşyk pudagyny has-da ösdürmek boýunça öňde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine täzeçil çemeleşmegiň, onuň kanunçylyk binýadyny pugtalandyrmagyň, ulgama degişli edara-kärhanalaryň düzümlerini yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini belläp, bu babatda wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew ýurdumyzyň goňşy döwletler bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek maksady bilen, Türkmen-özbek serhetýaka söwda zolagyny — Söwda merkezini döretmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, degişli Ylalaşyga laýyklykda, Söwda merkezini ilkinji tapgyrda Daşoguz — Şabat serhet ýakasynda döretmek boýunça işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, iki dostlukly ýurduň Hökümet wekiliýetleriniň özara saparlarynyň dowamynda birnäçe ylalaşyklaryň gazanylandygyny, şol sanda Türkmen-özbek serhetýaka söwda zolagyny — Söwda merkezini döretmek we onuň işini düzgünleşdirmek hakynda hökümetara Ylalaşyga gol çekilendigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere birnäçe anyk görkezmeler berildi.

Şeýle hem wise-premýer "Türkmen-özbek söwda öýi" bilelikdäki kärhanasy boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň daşary söwda gatnaşyklaryny ösdürmek, şol sanda goňşy döwletler bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek boýunça amala aşyrylýan işleriň örän möhümdigine ünsi çekdi hem-de bu ugurda göz öňünde tutulan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegini üpjün etmek babatda wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa "Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň" ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda ýerleşýän taryhy-medeni ýadygärliklerde arheologik ylmy-barlag we rejeleýiş işleri üstünlikli dowam edýär. Şunuň bilen baglylykda, taryhy-medeni ýadygärliklerde geçirilen arheologik gözlegleriň netijesinde, Paryzdepe ýadygärliginiň töwereginde ýerleşýän kärizler toplumynda özboluşly täsin gurluşa eýe bolan bir käriziň, şeýle hem Abiwerd galasyndan syrçalanan keramika önümleriniň böleklériniň, Daňdanakan galasyndan orta asyr ýazuw çeşmelerinde

(Dowamy 2-nji sahypada).

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО ГОСУДАРСТВА ИЗРАИЛЬ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Государства Израиль Ицхаку Герцогу и Премьер-министру Государства Израиль Биньямину Нетаньяху по случаю 75-летнего юбилея Независимости Государства Израиль.

Подчеркнув, что отношения между Туркменистаном и Государством Израиль основаны на принципах равноправия, взаимного уважения и доверия, глава государства с удовлетворением отметил эффективный характер нынешнего сотрудничества, которое систематически обогащается новым содержанием, и выразил убеждённость, что двусторонние связи благодаря совместным усилиям будут и далее активно развиваться.

«В настоящее время наши страны конструктивно сотрудничают в политической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах. Мы выражаем заинтересованность в дальнейшем расширении туркмено-израильских отношений и твёрдо уверены в перспективах их наращивания посредством использования имеющихся возможностей», – подчеркнул Президент Туркменистана.

Пользуясь этой возможностью, глава государства Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Ицхаку Герцогу и Премьер-министру Биньямину Нетаньяху искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему дружественному народу Государства Израиль – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ НИДЕРЛАНДОВ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Королю Нидерландов Виллему-Александру и народу дружественной страны по случаю национального праздника Нидерландов – Дня Короля.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменского государства выразил Королю Виллему-Александру искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Нидерландов – мира и процветания.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ЮЖНО-АФРИКАНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Южно-Африканской Республики Сирилу Рамафосе и всему народу страны по случаю национального праздника Южно-Африканской Республики – Дня свободы.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменского государства выразил Президенту Сирилу Рамафосе искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а дружественному народу Южно-Африканской Республики – мира, прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости

TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ MEJLISI

2023-nji ýylyň 20-nji aprelinde Türkmenistanyň Maslahatlar merkeziniň binasynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Halk Maslahatynyň mejlisi geçirildi.

Irden Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Maslahatlar merkeziniň binasyna geldi. Bu ýere ýygnananlar Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyny ör turup, şowhunly el çarpyşmalar bilen garşyladylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow mejlisi açyp, şu günki mejlisiň döwleti dolandyrmakda, demokratik we adalatly jemgyýeti gurmakda toplan tejribämize daýanyp, 2023-nji ýylyň 26-njy martynda geçirilen saýlawlaryň jemleri boýunça täze saýlanan we Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine girýän, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarynyň başlyklarynyň, etraplaryň edara ediş merkezleri bolup durýan şäherleriň, şäherçeleriň arçynlarynyň, şeýle hem Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylarynyň, Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň, etrap, şäher häkimleriniň, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda geçirilýändigini belledi.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeler hormatly Prezidentimiziň: «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ylmy-tejribe taýdan esaslandyrylan taglymatynyň iş ýüzünde durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň alamatydyr. Bu taglymat bolsa täze eýýamyň ideologiýasynyň esasyny düzmek bilen, täze taryhy döwürde merdana halkymyzy beýik üstünliklere galkyndyrmaga giň ýol açýar diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady.

Her bir işe yhlas bilen ýürekden ýapyşyp, Garaşsyzlyk ýyllarynda gazananlarymyzy has-da berkitmek, ýurdumyzy ösüşiň has ýokary derejelerine çykarmak biziň öňde goýan esasy wezipelerimizdir.

Bellenilişi ýaly, döwletimiziň hukuk binýadyny berkitmekde, raýat jemgyýetiniň institutlaryny döretmekde, abadan we durnukly ösüşi üpjün etmekde ýetilen sepgitler Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda: «Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipeleridir» diýip beýan edilen kadalaryň bir maksada gönükdirilip, durmuş hakykatyna öwrülmegi ugrunda bitirilen bimöçber işleriň netijeleridir.

Ýurdumyzda gazanylýan her bir ösüş milli kanunçylygyň kämilleşdirilmeginiň esasynda amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, Esasy Kanunymyz bolan Konstitusiýamyzy birnäçe gezek kämilleşdirip, döwlet häkimiýet edaralarynyň kämil ulgamlarynyň emele getirilendigi bellenildi. Şunuň bilen birlikde, häkimiýet edaralarynyň guramaçylyk, üpjünçilik mümkinçilikleriniň artdyrylmagy, işgärler düzüminiň kämilleşmegi, sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy üçin ähli mümkinçilikler döredildi. Biziň üstünliklerimiziň esasy açary hem şundan ybaratdyr diýmek bilen, türkmen halkynyň Milli Lideri geçilen menzilleriň, bitirilen işleriň şu günümiziň we geljegimiziň beýikdigini ykrar edýändigini nygtady.

Biz ykdysady ösüşiň häzirki zaman, kämil nusgasyny emele getirdik. Şunda ähli serişdeleriň (tebigy, maliýe, zähmet) netijeli ulanylmagyna, öňdebaryjy önümçilik kärhanalarynyň döredilmegine, dolandyryş işiniň netijeli usullarynyň öwrenilmegine, eýeçilik gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegine uly üns berdik. Netijede, durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek, senagat mümkinçiliklerimizi giňeltmek, iş ýerleriniň döredilmegini gazanmak bilen ýaşaýşyň täze derejelerine çykdyk.

Biz dünýäniň iri kompaniýalary we abraýly maliýe düzümleri bilen ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýup, ýurdumyzyň eksport mümkinçiliklerini hem artdyrdyk. Amatly geosyýasy we ykdysady şertlerde ýerleşen ýurdumyzyň kuwwatly mümkinçiliklere eýe bolan berkarar döwlet hökmünde dünýä giňişliginde tutýan ornuny pugtalandyrdyk. Şeýle hem ýurdumyzyň ägirt uly taslamalary özbaşdak hem-de hyzmatdaşlar bilen bilelikde durmuşa geçirmäge ukyply döwlete öwrülmeginiň üpjün edilendigi nygtaldy. Döwletimiziň berkararlygy, halkymyzyň bagtyýarlygy baradaky aladalar biziň ählimiziň borjumyzdyr diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

Döwletimiziň bähbidi halkymyzyň bähbididir. Häzirki döwürde mähriban halkymyz baradaky hemmetaraplaýyn alada biziň döwletimiziň alyp barýan durmuş syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

Ýol çekmek, köpri gurmak, bina galdyrmak halkymyzda hemişe asylly, sogaply işler hasaplanypdyr. Biz hem şol gadymy ýolumyzy häzirki döwürde üstünlikli dowam etdirýäris diýip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy belledi.

Çykyşynyň dowamynda Gahryman Arkadagymyz Magtymguly Pyragynyň birnäçe parasatly sözlerini we halk nakyllaryny mysal getirdi. Türkmenistanda «Il saglygy — ýurt baýlygy» şygary esasy şygarlaryň biridir. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri sagdyn jemgyýetiň gülläp ösýän döwletiň daýanjy bolup durýandygyny belledi. Ýakynda ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň köpugurly düzüminiň üstüni ýetirjek döwrebap lukmançylyk desgalarynyň — Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Stomatologiýa merkeziniň we Halkara pediatriýa merkeziniň düýbüniň tutulmagy ýurdumyzda türkmenistanlylaryň saglygyny pugtalandyrmaga uly üns berilýändiginiň aýdyň mysaly hökmünde görkezildi.

Innowasion tehnologiýalaryň hem-de dünýä belli kompaniýalaryň öňdebaryjy enjamlarynyň işjeň ornaşdyrylmagy, ugurdaş edaralaryň giň ulgamy we olaryň hünärmenleriniň dünýäniň iri lukmançylyk merkezlerinde hünär taýýarlyklaryny geçmegi gysga wagtyň içinde ilata hödürlenilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň ýokary derejesini üpjün etmäge, keselçiligi pese düşürmäge we ilatyň ortaça ömür dowamlylygyny artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Içeri we daşary syýasatdaky galkynyşlarymyz, döwletimiziň berkararlygy, halkymyzyň bagtyýarlygy meniň yhlasymyň, gije-gündizki aladalarymyň ýerine düşendigine kepil bolýar. Men muňa örän guwanýaryn diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işini kadaly alyp barmak üçin onuň Prezidiumy — Türkmenistanyň Halk Maslahatyna hasabat berýän, hemişelik hereket edýän kollegial edara döredilýär. Onuň düzümine Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy, Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk

(Dowamy 3-nji sahypada).

TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

beýan edilýän metjidiň ýerleşen ýeriniň tapylandygy habar berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň taryhy-medeni ýadygärliklerini gorap saklamakda, dikeltmekde, olary geljek nesillere ýetirmekde birnäçe işleriň amala aşyrylandygyny hem-de bu işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi. Munuň özi "Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň" üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýär.

Döwlet Baştutanymyz şu ýylyň mart aýynda geçirilen "Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri" atly halkara maslahatyň ähmiýetini belledi hem-de wise-premýere ýurdumyzyň taryhy-medeni ýadygärliklerini goramak, dikeltmek, abatlamak boýunça alnyp barylýan işleri güýçlendirmegi tabşyrdy.

Şeýlehemşuýylyňmaýaýyndaýurdumyzda sanly we "ýaşyl" ykdysadyýet ugrunda alnyp barylýan işlere bagyşlanan "tegelek stol" duşuşygyny geçirmek, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmek, Bütindünýä Intellektual Eýeçiligi Guramasynyň akademiýasy bilen Türkmenistanyň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak, ýurdumyz bilen Bütindünýä Söwda Guramasynyň arasynda hyzmatdaşlygyň birnäçe ugurlary teklip edilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, hödürlenen teklipleri makullady hem-de abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, BMG bilen netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagynyň Watanymyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridigini belledi.

Türkmenistan BMG we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen sebit hem-de ählumumy derejede parahatçylygy, howpsuzlygy, durnuklylygy üpjün etmek, ykdysadyýet we durmuş ulgamy, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak ýaly ileri tutulýan ugurlarda üstünlikli hyzmatdaşlyk edýär. Sanlylaşdyrmak, ekologiýa ulgamlary bu hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hataryndadyr. Bu ugurlarda ýurdumyz milli derejede sanly we "ýaşyl" tehnologiýalary yzygiderli ilerletmek bilen, başlangyçly esasda çykyş edýär.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň ähli gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen agzalan ulgamlarda, şeýle-de beýleki ugurlar boýunça işjeň hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de dowam etdirmegi maksat edinýändigini belläp, wise-premýere, DIM-niň ýolbaşçysyna degişli işleri yzygiderli we toplumlaýyn esasda dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew ýurdumyzyň ulag we kommunikasiýa pudagynyň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny döwrüň talaplaryna laýyk getirmek babatda görülýän çäreler barada hasabat berdi. Hususan-da, demir ýol ulagynyň işini has-da kämilleşdirmek, ýolagçylary gatnatmak, ýükleri daşamak işinde öňdebaryjy tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, pudagyň hukuk binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň ulag we kommunikasiýa toplumynda demir ýol ulagynyň möhüm orun eýeleýändigini, onuň işini döwrüň talaplaryna laýyklykda guramagyň wajyp wezipeleriň biri bolup durýandygyny nygtady we bu babatda agentliginiň ýolbaşçysyna degişli görkezmeleri berdi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, Garaşsyz Watanymyzyň rowaçlygynyň bähbidine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Интернет газета
Международные новости

TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ MEJLISI

(Başlangyjy 2-nji sahypada).

geňeşiniň sekretary, Türkmenistanyň Baş prokurory, Türkmenistanyň adalat ministri we welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň halk maslahatlarynyň başlyklary girýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow bu baradaky gürrüňi dowam edip, öňde duran esasy wezipelere ünsi çekmek bilen, Türkmenistanyň Konstitusion kanunynda göz öňünde tutulan ygtyýarlyklaryň çäklerinde Prezidiumyň mejlisleriniň yzygiderli geçiriljekdigini nygtady.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işiniň ata-babalarymyzyň hem eýeren, biziň döwletliligimiziň esaslaryny düzýän, milliligimize mahsus kadalara esaslanýandygy, bu kadalaryň demokratiýadan, aýanlykdan, adalatlylykdan, kanunyň hökmürowanlygyndan, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutmakdan, adamyň we raýatyň kanunyň öňündäki deňliginden, adamyň hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmakdan, çözgütleri erkin ara alyp maslahatlaşmakdan hem-de kabul etmekden, jemgyýetçilik pikirini nazara almakdan ybaratdygy bellenildi.

Elbetde, Halk Maslahatynyň döwletimizde, jemgyýetimizde tutýan orny örän uly bolmalydyr diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy we Halk Maslahatynyň işiniň käbir esasy ugurlaryna ünsi çekdi. Ilkinji nobatda, bu edara döwletimiziň alyp barýan bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik hem-de hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyna we «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly ýörelgämize eýerip, halkara soraglara degişli köptaraplaýyn işleri geçirmelidir, döwletleriň we halklaryň özara düşünişmegine, hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň täze nusgalarynyň işlenip taýýarlanylmagyna işjeň gatnaşmalydyr. Şunuň bilen baglylykda, Halk Maslahatynyň öňünde durýan esasy wezipeleriň biriniň dünýäniň ýurtlary bilen gatnaşyklary ösdürmekden hem-de giňeltmekden ybaratdygy bellenildi. Abraýly halkara we sebit guramalary bilen hyzmatdaşlyga uly üns bermegiň wajypdygy barada hem aýdyldy.

Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow biziň döwletimiziň durmuşa geçirýän «Açyk gapylar» syýasatynyň ähmiýeti barada aýdyp, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan iki gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň biziň ýurdumyza sebitde we bütin dünýäde häzirki zaman syýasy garaýyşlary we usullary ulanmak üçin giň mümkinçilikleri döredýändigini kanagatlanma bilen belledi.

Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek we ýurdumyzy strategik taýdan özgertmek Halk Maslahatynyň işiniň esasy ugurlarynyň hatarynda kesgitlenildi.

Şu nukdaýnazardan ugur alyp, kanunçylygymyzda kesgitlenilen bu edaranyň işini talabalaýyk ýola goýmak üçin Türkmenistanyň Mejlisi ýerlerde Geňeşler bilen degişli kanunçylyk namalary barada giňişleýin okuw-maslahatlary yzygiderli gurap durmalydyr diýip, Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam etdi.

Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary, welaýat, şäher we etrap halk maslahatlary obadaky işjeň adamlar, mekdepleriň mugallymlary, medeniýet işgärleri bilen bilelikde ilatyň arasynda düşündiriş we terbiýeçilik işlerini geçirmelidir, oba ilatynyň durmuş şertlerini gowulandyrmak boýunça teklipleri taýýarlamalydyr diýip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady.

Türkmenler «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz» diýip, ýöne ýere aýtmandyrlar diýip bellemek bilen, türkmen halkynyň Milli Lideri ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň, welaýat, şäher we etrap halk maslahatlarynyň Türkmenistanyň Halk Maslahaty, Türkmenistanyň Mejlisi bilen ýakyndan aragatnaşyk saklap, her bir işi maslahatlaşyp çözmelidigini, Türkmenistanyň Halk Maslahatyna, Türkmenistanyň Mejlisine öz çäklerini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlary boýunça has ähmiýetli teklipleri garamaga bermelidigini nygtady.

Milli parlamentiň deputatlary jemgyýetimiziň durmuşynyň, ondaky wakalaryň jümmüşinde bolmalydyrlar, döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edaralarynda, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynda bolup, ýygy-ýygydan duşuşmaly we gürrüňdeş bolmalydyrlar diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi we şeýle pikir alyşmalaryň hereket edýän kanunçylyga üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek üçin peýdaly maglumatlary berjekdigine hem-de täze kabul edýän kanunlarymyza, geçirýän özgertmelerimize işjeňlik häsiýetini berjekdigine pugta ynam bildirdi.

Çykyşynyň ahyrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy ýerine ýetiriji häkimiýeti özgertmek, döwlet dolandyryş ulgamynyň işini düzgünleşdirmek we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak baradaky käbir garaýyşlaryna mejlise gatnaşyjylaryň ünsüni çekdi, şeýle hem Türkmenistanyň Mejlisiniň we Ministrler Kabinetiniň, welaýatlaryň häkimliklériniň öňünde durýan möhüm wezipeleri kesgitledi.

Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň döwlet esaslaryny pugtalandyrmaga, eziz Diýarymyzy ösdürmäge işjeň gatnaşmak, ýurdumyzda we sebitde pugta durnuklylygy, sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de üpjün etmek wezipeleri bar. Şunuň bilen birlikde, raýat jemgyýetini yzygiderli ösdürmek üçin degişli işleri geçirmegiň, raýatlarymyzyň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek boýunça täze başlangyçlar bilen çykyş etmegiň zerurdygy barada aýdyldy.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» bellenilişi ýaly, geljek ýedi ýylda ýurdumyzyň önümçilik mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek, ýaşaýyş-durmuş ulgamyny ösdürmek üçin uly möçberlerde maýa goýumlar gönükdirilýär.

Arkadagly Serdarymyz Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine girişmek dabarasynda eden çykyşynda: "Her bir maşgalany häzirki zaman öýi ýa-da jaýy bilen üpjün etmek meniň esasy aladalarymyň biri bolar" diýip belledi. Bu işiň üstünlikli amal edilmegi bolsa şähergurluşyk işi bilen berk baglanyşyklydyr. Häzirki zaman şähergurluşygy ykdysady işiň örän çylşyrymly görnüşleriniň biri bolup, onda dünýäniň ösüş meýillerini we jemgyýete mahsus bolan milli aýratynlyklaryň özara sazlaşygyny gazanmak zerur bolup durýar diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy sözüni dowam etdi.

Bu ýokary wekilçilikli edaranyň halkymyzyň jebisligini berkidýän güýçdügini nygtap, wise-premýer, ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy türkmen halkynyň Milli Liderine hem-de hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy D.Gulmanowa söz berildi. Onuň çykyşynda bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda taryhy waka öwrülen Halk Maslahatynyň mejlisiniň geçirilmegi, onda möhüm wezipeleriň kesgitlenilmegi türkmenistanlylaryň kanuny bähbitlerini goramaga, halkymyzyň abadan we parahat durmuşyny üpjün etmäge, uly ykdysady ösüşleri gazanmaga ýardam eder.

Mejlisiň Başlygy türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň bu günki mejlisde milli kanunçylygy mundan beýläk hem kämilleşdirmek boýunça öňe süren asylly başlangyçlaryndan ugur alyp, parlamentiň deputatlarynyň bu ugurdaky işleri, halkara kadalara laýyklykda, netijeli dowam etdirjekdiklerine ynandyrdy.

Soňra Halk Maslahatynyň Diwanynyň iş dolandyryjysy, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty K.Babaýewe söz berildi. Çykyşda nygtalyşy ýaly, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň şu mejlisiň barşynda öňe süren anyk teklipleri döwürleriň we nesilleriň özara baglanyşygyny üpjün eder, iň esasysy bolsa halkymyzyň kanuny bähbitlerini mundan beýläk hem gorar. Şunuň bilen baglylykda, öňde goýlan wezipeleri iş ýüzünde durmuşa geçirmek, ilatyň arasynda taryhy başlangyçlaryň ähmiýetini giňden düşündirmek, adamlaryň pikirlerini diňlemek möhüm işler hökmünde kesgitlenildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň bu ugurda goýan wezipelerini üstünlikli durmuşa geçirmek üçin halk bilen jebis işleniljekdigine ynandyryp, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň iş dolandyryjysy, Mejlisiň deputaty K.Babaýew Arkadagly Serdarymyza we Gahryman Arkadagymyza berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra mejlis Türkmenistanyň Mejlisiniň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komitetiniň başlygy B.Seýidowanyň çykyşy bilen dowam etdi. Bellenilişi ýaly, halka hyzmat etmegiň beýik nusgasyny görkezen Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan ägirt uly özgertmeleriň başyny başlady. Şol özgertmeler häzirki döwürde Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýar. B.Seýidowa mejlisde ýaş türkmenistanlylary döwletimiziň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna işjeň çekmek, olaryň sanly tehnologiýalardan baş çykarýan, döwrebap hünärmenler bolup ýetişmekleri babatdaky ymtylmalaryny höweslendirmek, ýaşlary watançylyk hem-de ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemek boýunça uly işleriň alnyp baryljakdygyna ynandyrdy.

Soňra mejlisde Aşgabat şäheriniň halk maslahatynyň başlygy, Hormatly il ýaşulusy G.Ataýewe söz berildi. Ol Halk Maslahatynyň şu günki geçirilen mejlisiniň halkymyz üçin taryhy waka bolup durýandygyny belledi. G.Ataýew bu mejlise gatnaşmagyň özi üçin hormatdygyny belläp, türkmen halkynyň Milli Lideriniň ýaşlara uly üns berýändigini, ýaşuly nesle ägirt uly hormat goýýandygyny buýsanç bilen nygtady. Gahryman Arkadagymyz çuň manyly çykyşynda ýaş nesliň döwletiň durmuşyndaky ornuna aýratyn üns berdi. Munuň özi Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ýaş türkmenistanlylara ägirt uly ynam bildirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly il ýaşulusynyň belleýşi ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň şu mejlisde ýaşlar barada aýdan parasatly sözleri, olaryň öňünde goýlan wezipeler halkymyzyň arasynda giňden wagyz ediler. Munuň üçin ähli zerur şertler döredildi.

Bellenilişi ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri islendik işde ýaşululara sala salýar. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanynda Ýaşulular geňeşiniň döredilmegi we onuň düzgünnamasynyň tassyklanylmagy hem ýurdumyzda döwletli tutumlar tutulanda ýaşulularyň pähim-pendine uly ornuň degişlidiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Gahryman Arkadagymyz mejlisiň jemini jemläp, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine täze saýlanan Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň kanunçylyk esaslaryny üpjün etmäge mynasyp goşantlaryny goşjakdyklaryna ynam bildirdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy mejlisi tamamlap, oňa gatnaşanlara jogapkärli işlerinde üstünlikleri arzuw etdi we bu ýerden ugrady.

В ТУРКМЕНИСТАНЕ ОБСУДИЛИ ВОПРОСЫ ВОДНОЙ ДИПЛОМАТИИ

В рамках проекта «Сохранение и устойчивое управление земельными ресурсами и экосистемами высокой природной ценности в бассейне Аральского моря для множественных выгод» в Туркменистане состоялся национальный семинар по вопросам водной дипломатии. Проект реализуется Министерством сельского хозяйства и охраны окружающей среды Туркменистана совместно с ПРООН при финансовой поддержке Глобального экологического фонда (ГЭФ).

В семинаре приняли участие представители министерств и ведомств Туркменистана, хякимликов Лебапского и Дашогузского велаятов, Туркменского государственного педагогического института имени Сейитназара Сейди, Исполнительного комитета МФСА, а также неправительственных и региональных организаций.

Они обсудили опыт развития трансграничного водного сотрудничества между Туркменистаном и странами бассейна Аральского моря, влияние изменения климата на водные ресурсы региона, гендерные и молодежные аспекты водной дипломатии, вопросы комплексного использования водных ресурсов в Дашогузском велаяте и северных регионах Лебапского велаята, подверженных Аральскому кризису.

Проект «Сохранение и устойчивое управление земельными ресурсами и экосистемами высокой природной ценности в бассейне Аральского моря для множественных выгод» направлен на содействие нейтрализации деградации земель путем первоначальных инвестиций в совместное комплексное планирование землепользования для восстановления и улучшения использования земельных и водных ресурсов с учетом основных мест обитания биоразнообразия для обеспечения важнейших экосистемных услуг. В результате проект повысит устойчивость местного населения и сохранит глобально значимые экосистемы в зоне влияния Аральского кризиса в Лебапском и Дашогузском пилотных велаятах.

Проект также будет поддерживать международный обмен знаниями и участие Туркменистана в управлении бассейном Аральского моря для обеспечения более широкого взаимодействия и регионального сотрудничества.

Интернет газета
Международные новости

ANNUAL TURKMEN-AMERICAN BILATERAL POLITICAL CONSULTATIONS TOOK PLACE IN THE UNITED STATES OF AMERICA

On April 24, 2023, the US Department of State hosted the ninth annual bilateral political consultations between the United States and Turkmenistan. During the talks, Minister of Foreign Affairs Rashid Meredov headed the Turkmen delegation, while Acting Assistant Secretary of State Elizabeth Horst led the US side.

During the meeting, the sides noted that the annual bilateral consultations are a platform for discussing common challenges and achievements, as well as further strengthening of the Turkmen-American partnership. Participants also reaffirmed their support for the C5+1 regional diplomatic platform for Central Asia and the United States. In particular, security, trade and economic ties, environment, culture, education and humanitarian issues were identified as priority areas for bilateral cooperation.

It should be noted that both countries reaffirmed their commitment to cultural and educational programs as a key aspect of bilateral relations and signed a Memorandum of Understanding on Educational Cooperation, which will serve as a basis for continued joint efforts in this area. Parties have also agreed that the Ministry of Education and the US Embassy in Ashgabat will implement a road map on educational cooperation.

Foreign Minister R.Meredov and U.S. Acting Assistant Secretary of State E.Horst agreed to hold the next round of annual bilateral consultations in Ashgabat in 2024.

In addition, on April 24, 2023, during a working visit to the United States, Minister Rashid Meredov met with the US Secretary of State Anthony Blinken. The top diplomats discussed a wide range of bilateral, regional and international agenda issues, the current situation in Afghanistan and promotion of the inter-Afghan dialogue. The parties stressed that further expansion of multidimensional cooperation between the states of Central Asia and the United States is an important factor of sustainable socio-economic development, preservation of peace, stability and security in the region. The parties also noted the interest in strengthening cooperation within the «C5+1» format.

In addition, the delegation of Turkmenistan met with Mr. Chase Robinson, director of the Smithsonian Institution's National Museum of Asian Art. During the meeting, the sides discussed opportunities to establish cooperation with Turkmen museum institutions to promote museum development in Turkmenistan, heritage preservation, training of museum workers and raising professional standards.

ISSUES OF TURKMEN-CHINESE COOPERATION DISCUSSED

On April 26, 2023, the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Vepa Hajiyev and the Minister of Foreign Affairs of the People's Republic of China Qin Gang held bilateral talks in the city of Xi'an as part of their participation in the 4th meeting of foreign ministers in the "Central Asia - China" format.

During the meeting, topical issues of the Turkmen-Chinese partnership in a wide range of interaction in the political, diplomatic, trade, economic, cultural and humanitarian spheres were discussed. In this context, the parties stated that today the Turkmen-Chinese relations of comprehensive strategic partnership are dynamically developing in many areas.

Diplomats also touched upon regional and international issues of mutual interest. The interlocutors confirmed the mutual desire to continue cooperation between Turkmenistan and China in major international organizations.

The head of the Turkmen delegation stressed that trade and economic relations form the basis of interaction between the two countries. It was noted that the realization of the existing huge potential would bring bilateral economic relations to a higher level. In this regard, the important role of the Turkmen-Chinese Committee for Cooperation and its specialized subcommittees in the development of bilateral economic relations between the countries was noted.

ОБСУЖДЕНЫ ВОПРОСЫ МЕЖДУНАРОДНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА В ОБЛАСТИ МОЛОДЁЖНОЙ ПОЛИТИКИ

26 апреля 2023 года в МИД Туркменистана состоялось заседание рабочей группы по разработке Стратегии международного сотрудничества туркменской молодёжи, которая была инициирована Президентом Туркменистана Сердаром Бердымухамедовым.

В работе заседания приняли участие руководители и представители МИД Туркменистана, соответствующих министерств и ведомств страны.

Заместитель министра иностранных дел Туркменистана М.Бяшимова, открывая заседание, отметила, что в рамках масштабной работы, проводимой в стране в сфере молодёжной политики, осуществляются меры по всесторонней поддержке и развитию возможностей молодого поколения, а также совершенствованию нормативно-правовой базы в этой сфере.

В этом контексте, Стратегия будет направлена всестороннему развитию молодёжи, укреплению дружбы, взаимопонимания и гуманитарного сотрудничества на международном уровне, а также обеспечению более активного участия молодёжи в экономических, культурных, научно-образовательных, спортивных и других областях.

В ходе встречи состоялся обстоятельный обмен мнениями по данному вопросу.

НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

Туркменистанцы знакомятся с глобальными приоритетами ЦУР

Представители Министерства труда и социальной защиты населения и Института Каспийского моря Туркменистана приняли участие в лекциях по глобальным приоритетам ЦУР.

Лекции организованы представительством ООН в Туркменистане в Центре ЦУР Института международных отношений Министерства иностранных дел страны.

Туркменистан представлен на заседании Комиссии по экономическим вопросам СНГ

Делегация Туркменистана приняла участие в очередном заседании Комиссии по экономическим вопросам при Экономическом совете СНГ, которое состоялось в Москве. Об этом сообщает пресс-служба Содружества.

Стороны обсудили ряд вопросов, касающихся экономического сотрудничества на пространстве СНГ.

Туркменистан был представлен на конференции Альянса ОБСЕ по борьбе с торговлей людьми

Делегация Туркменистана в лице представителей Генеральной прокуратуры и Государственной миграционной службы приняла участие в 23-й конференции Альянса ОБСЕ по борьбе с торговлей людьми, которая прошла в Вене.

Участники мероприятия, в числе которых были представители международных организаций и гражданского общества из государств-участников ОБСЕ.

В ИМО МИД Туркменистана проведен День Индии

В Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялось культурно-познавательное мероприятие, посвященное Индии. В нем приняли участие представители Посольства Республики Индия в Туркменистане и Института международных отношений МИД Туркменистана.

Материалы подготовлены на основе интернет-источников.